Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ata-babalarymyzdan gelýän döwletlilik ýörelgelerine aýratyn ähmiýet berlip, olaryň barha rowaçlanmagy ugrunda tagallalar edilýär. Türkmen halkynyň beýik şahyry Magtymguly Pyragy türkmen klassyky edebiýatynyň kämilleşmegine örän uly goşant goşan, türkmen edebi dilini ösdürmekde uly işler bitiren şahsyýetdir. Watanyny, öz il-gününi söýmek bilen çäklenmän, ýurduň özbaşdaklygyny saklamak ugrundaky watançylyk pikirlerini öňe süren şygyrlary ýaş nesilleri terbiýelemekde ýokary ähmiýetli gymmaty bardyr.

Häzirki döwürde Magtymguly atamyzyň halk arasyndaky saklanyp galan, dürli döwürlerdäki eserlerini, taryhy keşbini şekillendiriş sungatynyň üsti bilen beýan etmek, ýaşlarda Pyragynyň döredijiligine bolan söýgini terbiýelemek, zehinli, bilimli, watansöýüji ýaşlary kemala getirmek esasy maksatlaryň biridir.

Magtymguly Pyragynyň döredijilik mirasy ähli ynsanlaryň köňlünde uly orun eýeleýär. Şahyryň eserleri ýyllar, asyrlar geçse-de, özüniň gymmatyny ýitirmeýär. Akyldaryň şygyrlarynda öňe sürülýän pikirler umumadamzat gymmatlyklarynyň derejesinde durýar. Çünki akyldar şahyryň döredijiliginiň mazmuny belent adamkärçilik, ahlaklylyk, ynsanperwerlik ýörelgelerine ýugrulandyr.

Akyldar şahyryň goşgularynda watansöýüjiligiň belent waspynyň bardygy bolsa onuň gymmatly mirasynyň has-da ýokarydygyny beýan edýär. Dana Pyragynyň edebi mirasy Watana, ýurdumyzyň abadan, parahat durmuşyna, keremli topragyna bolan beýik söýgä eýlenendir.

Dünýä sungatynda bolşy ýaly, türkmen şekillendiriş sungatynyň ähli görnüşinde hem ýazyjy şahyrlaryň, saz ussatlarynyň, medeniýet we döredijilik wekilleriniň keşplerini müdimileşdirmek uly orna eýe bolýar. Beýik söz ussady Magtymguly Pyragynyň çeper keşbini sungatyň ähli ugurlarynda waspyny ýetirmekde halypa suratkeşleriň hem-de zehinli ýaşlarynyň tutýan orny örän ulydyr. Magtymgulynyň keşbinde Gündogaryň tanymal edebiýatçylarynyň hatarynda tanalýan, halkyň arzuw-hyýallaryny ýaýan ynsanperwer dana şahyryň şöhraty dünýä ýüzüne ýaýmaga mynasypdyr.

**Aýjahan KADYROWA**
**Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň mugallymy**

Все права защищены

save pdf date >>> 25.01.2026